# Şirin sözli ýazyjy

Category: Ertekiler,Hekaýalar,Kitapcy,Söhbetdeşlik
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şirin sözli ýazyjy ŞIRIN SÖZLI ÝAZYJY

*Sözüň jadylaýjy güýjüne imrinip, ykbalyny döredijilige baglan ýazyjy-şahyrlaryň her bir eseri, ömür ýoly hiç bir adamy-da biparh goýmaýar. Sekiz onlugy arka atan halypa ýazyjymyz – Şirinjemal Geldiýewa hem edebiýatda, hem ylmy işlerinde özüniň tutanýerliligi, zähmetsöýerligi bilen tapawutlanýar.*
*Biz Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň baş ylmy işgäri, flologiýa ylymlarynyň doktory Şirinjemal Geldiýewanyň ýanyna baranymyzda, çeper sözüň ussady, süýji dilli ýazyjy bilen derrew sözümiz alşyp gitdi.*

– Şirinjemal halypa, döredijilik dünýäsi – täsin dünýä. Şol «dünýäniň» täsinligine, gyzygyna düşen ilkinji günleriňiz – çagalygyňyzdan söhbet edäýsek. Ilkinji çap bolan eseriňizi ýatlamak biz üçin hem, siz üçin-de gyzykly bolsa gerek.

– Men mekdep ýyllarym gaty köp okaýardym. Ýazyjylaryň gysgajyk hekaýalaryna meňzedip, hekaýa ýazasym gelýärdi. Ýazardymam, emma olar gowşajykdy. Biz ýaşkak, gyzlar şähere gidip okajak bolsalar, beýle oňlap baranokdylar. Mekdebimizde bir dogumlyja gyz bardy. Onuň arzuwlaryny diňläp, aňk bolýardym. Ol entek ýokary mekdebe-de girmänkä, alym bolmagy arzuw edýärdi. Onuñ ene-atasy düşünjeli adamlar bolsalar-da, gyzlarynyň «alym bolmak» islegine garşy çykdylar. Ýöne ol isleginden el çekmändi. Synpdaşymyň arzuwy, şeýle erjelligi, tapan ýoly maňa-da sapak boldy. Ol hakda ýarym ýyl iş edinip, bir hekaýa ýazdym. Ol hekaýa «Zenan kalby» žurnalynda neşir edildi. Şonda döredijilik dünýäsiniň nähili täsindigine akyl ýetirdim. Ol dünýä, hakykatdanam, ýazjagy ugruna goýmaýan juda täsin dünýädi. Ýaşlaryň ilkinji perzendi dünýä inende begenişleri ýaly, tolgunmakdan ýaňa ýüregim içime sygman, tas uçupdym. Soň

«Nätanyş» atly hekaýam «Garagum» žurnalynda çap edildi. «Leýli» atly ilkinji powestim hem şol žurnalda okyjylara ýetirildi. «Leýli» özbaşyna kitap bolup çykanda, «şapbat» ýalyjak bolsa-da, men bütin dünýä uly sowgat eden ýaly şatlygym içime sygman, ýolboýy ýyljyraklap gidipdirin. Ýyldyrym çaltlygynda kitap dükanyna ýetdim. Ol ýerde kitap gutarypdyr. Ýola çyksam, bir gyz «Leýliniň» üçüsini göterip barýar. Öň «Leýli» meňki bolan bolsa, indi iliňkidigine göz ýetirdim. Ol gyzdan birjigini maňa bermegini haýyş etdim.
— Aý, ýog-a, joralaryma ýetmeýär beýtsem — diýdi. Özümiňkidiginem gyssanmajyma aýdypdyryn.
— Bolubersin. Ýene ýazarsyň — diýdi.

— Çeper eserleriňiziň aglabasynda çagalyk, ýaşlyk dünýäsi açylyp görkezilýär. bu, megerem, siziň ol «dünýä» beletligiňiz, ýakynlygyňyz üçindir…

— Ýaşym bir çene barsa-da, joralarymyň esasy bölegi — ýaşlar. Olar — meniň kalbymyň bahary, duýgularymyň soltany. Olar öz täsin durmuşlarynda bolýan wakalary, hatda gizlin syrlaryny-da maňa gürrüň berýärler. Olar — meniň ýakyn maslahatçylarym. Eserlerimiň gymmatyny kesgitleýän terezim. «Ýüz görüp, gapyrga syryp» durman, kemçiliklerimi hem aýdýarlar. Golaýdakylar ýüzüme aýtsalar, daşdakylar bolsa maňa hat ýazýarlar.
Men orta mekdebiň ýokary synpyny tamamlap ýören ýaşlaryň durmuşyndan «Laçyn» powestini ýazdym. Meni tanaýan deň-duş joralarymyň köpüsi «Seniň häsiýetiň gahrymanlaryňa meňzeýär» diýýärler. Özüm ony duýamok. «Şeker» powestinde oglanjygyň keşbini suratlandyryp, onuň gyzykly, geň dünýäsini açmaga çalyşdym.
«Umyt» atly hekaýam uruş ýyllarynda söweş meýdanyndaky doganjygy hakynda gelen ýaramaz habary ene’atasyndan gizläp, onuň ýüküni ýalňyz özi gerdeninde çeken, gije-gündiz ýagşy umyt bilen ýola garan mert, tutanýerli oglanjyk hakynda. Şol ýüki ýazyjam bile çekişdi diýsem ynanarsyňyzmy? Sebäbi dogrymy aýtsam, suratlandyrýan wakalarymyň içinde gahrymanlarym bile deň ýaşaýaryn, deň dem alýaryn. Her bir eserimi ýazyp

gutaranymda, indiki eserime başlaýançam, gowy dostlarymdan, ýakyn adamlarymdan aýrylan ýaly ýüregim gysýar.

– Halypa, siz diňe bir ýazyjy hökmünde däl, eýsem ylym adamsy hökmünde-de tanalýarsyňyz. Ikisini bilelikde alyp barmak size kyn düşe- nokmy?!

– Men hekaýa bolsun, powest bolsun, tapawudy ýok, olary ýazyp bolanymdan
soň, üstünde işläp, gaty köp täzeden gö.çürýärin. Elbetde, ylmy işgär hökmünde ol maňa ýeňil düşenok. Käte pikirlerimi jemläp, ýazyp başlanymda, eseriň arasyny kesmeli bolýaryn. Sebäbi eserlerimi gezip ýörkäm, kellämde doly durlamagy başaramok. Diňe stoluň başynda işläp bilýärin. Şonda-da ylmy işlerimiň döredijiligimiň kämilleşmegine peýdasy degmese, zyýany degenok. Onuňam özüne çekiji, özboluşly dünýäsi bar. Ol seni taplaýar. Stoluň başyna geçip, irginsiz oturmasaň, iş bitenok. Kähalatlarda on sahypa ýazsam, ony gysgaldyp-gysgaldyp, bir sahypa getirýärin. Göwnüme ýarasa, şoňa-da şükür edýärin. Eseriňi tamamlanyňdan soň, arasyna wagt salyp, täzeden okasaň, kemçilikleriňi tapýarsyň.

– Häzirki wagtda döredýän eserleriňiz, döredijiligiňiz hakynda-da birki agyz gürrüň beräýseňiz.

– Häzir men türkmen folklor eserlerini toplamakda iňňän uly işleri alyp baran mirasgärler Muhammet Ataşowyň, Çary Garabekowyň kyssalaryny neşire taýýarlap, olary seljerip ýörün. Türk- men folklorynyň döredijiligime täsirini söz bilen düşündirmekden ejiz gelýärin. Olaryň täsirinden ençeme hekaýalary-da ýazdym. Ýaşlaryň durmuşyndan otuz sahypalyk «Melek» atly hekaýamy ýazyp gutardym. Täze eserime başlaýançam, entek «Melegiň» gahrymanlary bilen ertekiler dünýäsine syýahat edip ýörün.

– Ýaş döredijilere berjek maslahatlaryňyz.

– Ýaş nesillere her bir işde yhlasly, tutanýerli bolmaklaryny maslahat berýärin. Ýaş ýazyjy oglan-gyzlara durmuşda çem gelen

wakalary däl-de, jemgyýetçilik mazmuny bolan, okyjyny oýlandyryp, yzlaryna düşürip biljek wakalary saýlap bilmegi pent edýärin.

– Gyzykly söhbetdeşlik üçin hem köp sagboluň, halypa!

# «Güneş». Söhbetdeşlik